# Nätdiñ?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nätdiñ? NÄTDIÑ?



Arzym eşit, Jüneýit han,
Agam Mämmetjany nätdiñ?
Garyp ilat horlandy kän,
Amany, Permany nätdiñ?
Sen bolduñ-da iliñ başy,
Sährada gurduñ söweşi,
Hany Derýa, Aman çaşy,
Ol Uşak batyry nätdiñ?

Şyhym sen weziriñ başy,
Gözlerinden akýar ýaşy,
Uzynsuwda galdy goşy,
Uşak, Orsukçyny nätdiñ?

Uzyn Tirkiş göçler çeken,
Gözlerinden ýaşyn döken,
Garşyña gylyçly çykan,
Baýramguly zory nätdiñ?

Nurgylyç bir dagyñ şiri,
Medet bermedi-de piri,

Iliñ mert oglunyñ biri,
Rahman batyry nätdiñ?

Batyr Rüstem Bekelbentli,
Duşmana doly haýbatly,
Bäşatarly, arap atly,
Petaly gojugy nätdiñ?

Ýokdur oñ gezmedik jaýy,
Gurulgydyr oky-ýaýy,
On gün goldaman Hudaýy,
Amanaly äri nätdiñ?

Ýyrtyk bolsa-da ýeñi-ýany,
Egnindedir şaýy-dony,
Görogluga meñzär syny,
Hudaýnazar jany nätdiñ?

Ýyldyrym dek arap atly,
Şahymerdan pir kuwwatly,
Zalym duşmana haýbatly,
Ol Hudaýýar zory nätdiñ?

Ilki bilen Çandyry aldyñ,
Başyn kesip ýere çaldyñ,
Gahar edip gazap kyldyñ,
Esirik nerleri nätdiñ?

Biri-birinden zyýada,
Gaýgyly ýalan dünýäde,
Hany Jemal, Kemal däde,
Pälwany, Begjany nätdiñ?

Il içinde boldy bir at,
Hany Beki, Allamyrat,
Amangeldi, Tuwakmämmet,
Hojanepes begi nätdiñ?

Enesi galdy aglaýyp,

Ýürek-bagryny daglaýyp,
Kimseleri diri soýup,
Çyn hyýal pälwany nätdiñ?

Kerim atly Kadyr Hudaý,
Armanly boldy Atabaý,
Hany Bally, Garry gedaý,
Begmämmet miraby nätdiñ?

Patma, Keýik, Orazjemal,
Gurt degen goýundyr tymsal,
Köpler atyndy gara şal,
Obadaş illeri nätdiñ?

Özi mergenleriñ başy,
Sährada gurdy söweşi,
Ýykdymyka ony-bäşi,
Halmämmet ýegenmi nätdiñ?

Pynhan syrlaryn aýtmaýan,
Duşmanyñ kalbyn tüýtmelän,
Barsa ganymdan gaýtmaýan,
Allaberdi guly nätdiñ?

Başyndadyr samyr telpek,
Depesinde gara gulpak,
Özi näzik, ady Galpak,
Şol tentek batyry nätdiñ?

Sansyz boldy şehit sany,
Gan eñretdiñ köp jenany,
Tazykdyrdyñ Öwez jany,
Gyzylly ýesiri nätdiñ?

Gaty gitdiñ, geçdiñ çenden,
Ýürek ürkdi näzik tenden,
Mämmedoraz sorar senden,
Şunçakly ilaty nätdiñ?

Mämmedoraz (1853-1938).

Surat: «Uzak-ýakyn ýyllar» kinofilminden, «Özbekfilm», 1976 ý. (Jüneýit hanyñ rolunda Zakir Muhammetjanow) Goşgular